# Jelebiñ aýdymy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Jelebiñ aýdymy JELEBIÑ AÝDYMY

Gülgün reñkli rumýanany* ber maña,
Görk bereýin eñki gaçan roýuma.
Äber ýagy, çalnyp ýalkym saçaýyn,
Meñzäp tüm gijäniñ dogan aýyna.

Getir bäri, müşk kükeýän atyry,
Gaýgyrman sepeýin üsti-başyma.
Äkel maña, şol duran dar köýnegi
Kim guçmak islese üýşsün daşyma.

Şol bulgury uzat, bolaýyn sermest,
Öz gara bagtyma gülüp bakaýyn.
Betbagt hem gam-gussaly ýüzüme,
Göz gapyjy owadanlyk dakaýyn.

Tanşym köp, ýeke men, dostsyraýanlardan,
Meñki bolsun diýer ýaly dostum ýok.
Öñýeten dilinde aş gatyklaýar,
Ýöne bir gezeklik… a soñ hiç kim ýok.

Eý meniñ şireli, ýalançy lebim,
Syrymyñ, derdimiñ öñüni gizle.
Emlesinler has köp, bäş-on manady
Ýylgyr, posa paýla, kereşme eýle!..

Simin BEHBAHANI.

---

** Rumýana – aýal-gyzlaryñ ulanýan kosmetikaly gutusy*

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Goşgular